# Ah, Leýla…

Category: Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ah, Leýla… AH, LEÝLA…




*“Ullakan ýalpyldydyr ölüm,*
*Şuglaly nur bilen geler…*
*Niçik dogmak bilen başlasa ölüm,*
*ölmek bilen başlaýandyr bu durmuş…»*
***(Attila Ilhan)***
Adam ölüminň eline taýýarlykly düşenok.
Londonda…
Sungat mekdebininň talyby…
Umumyýaşaýyş jaýynyň otagynda…
23 ýaşynda panydan sessizje göçüp gitdi…
Leýla…
Ady ýaly bir ýany özünde gizlin, aýyň soňky gününiň gijesi…
Daş-töweregini gündize öwren ala gözli…
Çepiksije gyz. Şeýle bir näzik welin, barmagyňy degirseň döwüläýjek ýaly hemişe galbyrap dur…
Inçemik…
Ýüzünde kölegeli günäsizlik. Ruhy reňbe-reň…
Tüýs ýüregi bilen söýýän çaga…
Päk ýürekli. Ýagşy niýetli, dosta wepaly.

Ýöne aralygy saklaýan gyzgynlygy bar. Asylzada. Galplykdan nam-nyşan ýok çaga…
Ýöne hemişe duýgularyndan ýeñilýärdi…
Ürkek jeren, ömri howlukmaç…
Dili ejaply, daşara sessiz, dymyp nala çekýän…
Sa:plykda tutanýerli we diñe özüne zyýanly…
Dili utangaç; dışarıya sessiz, susarak çığlık atan…
Gahary şemal mysaly, harasaty içinde…
Göwsünde çekip çykarmadyk ruhy ýarasy…
Içinde gussaly kiçijik ak kepderi saklanan…
Hemişe utançly. Gynandyrsa puşeýmanly, söýse puşeýmanly, şahasy inçejik, egseñ döwüljek bolup dur…
Köpçüligiñ içinde ýalñyz çaga. Göýä, durmuşa kese ýerden gelen ýaly… Bikarar…
Güýz pasly ýaly solak, ýapragyny lepbek-lepbek gaçyran…
«Sowuk ýel öwüsýär,
Hatda ölümem üşeýär…»

* * *

Ýany hemişe sýurpizli Leýla…
Hemişe göçegçi…
Gysgajyk ömrüne ne uly syrlary ýükledi, kim bilýär, 23 ýyla näçe ömür sygdyrdy…
Köp göreşdi, hemişe köçe çykmaz ýaly bolmalymyka, bitap düşen çagajyk..
Durmuşyñ oña eçileni şowsuzlyk boldy, gynansak-da…
Ýüpek saçly şem, eredi gitdi…
Ah, guzym, seni ölüm çagyrdymy, ýa señ özüñ sabyrsyzlyk edip ylgadyñmy soñsuzlyga…
Beýle-de bir oslagsyz heläkçilik bormy…
Beýle-de bir duýdansyz hoşlaşyk bormy…
Gyş güneşiniñ astynda iñ soñky ýoluña ugradýarys seni, çagajyk…
Söndürip bilmedik oduñ külleri sowrular şindi, Bosforyñ Bodrumynda…
Hoş gal, Leýla, gülküsi gussaly gyzym…

Bilýänsiñ, ölmek soñky uky däl, täze bir oýanyş…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 02.02.2023 ý. Oýlanmalar